Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow 29-njy noýabrda Aşgabatda BMG-niň Daşky gurşaw maksatnamasynyň (UNEP) Ýewropa boýunça sebit býurosynyň direktory Arnold Kreýlhuber bilen gepleşik geçirdi. Taraplar Aral deňziniň ýagdaýyny ara alyp maslahatlaşdylar. Bu barada Türkmenistanyň DIM-niň metbugat gullugy habar berdi.

Gepleşikde taraplar ESCAP-nyň howandarlygynda Aral deňzi basseýni üçin BMG-niň ýörite maksatnamasynyň formatyny we gurluşyny kesgitlemek maksady bilen Aşgabatda geçirilmegi meýilleşdirilýän Merkezi Aziýa ýurtlarynyň sebit duşuşygynyň ähmiýetini nygtadylar.

Meredow we Kreýlhuber Hazar meselesine hem degip geçdiler. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow tarapyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisinde teklip edilen “Hazar ekologiýa başlangyjyny” işläp düzmek boýunça pikir alyşdylar.

Mundan başga-da, taraplar Hazar sebitinde howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak bilen baglanyşykly taslamalar boýunça Türkmenistanyň UNEP bilen hyzmatdaşlygyny güýçlendirmek mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Meredow we Kreýlhuber daşky gurşawy goramak babatda işjeň dialogy we amaly hyzmatdaşlygy dowam etdirmek ugrunda çykyş etdiler

Все права защищены

save pdf date >>> 02.02.2025